TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
— HOŞNIÝETLI ARZUW-UMYTLAR BILEN GARŞY ALAN TÄZE ÝYLYMYZDA MUKADDES GARAŞSYZLYGYMYZYŇ ŞANLY 35 ÝYLLYGYNY BELLÄP GEÇERIS. WATANYMYZY BAGTYÝARLYGYŇ WE ROWAÇLYGYŇ MEKANYNA ÖWÜRMEK UGRUNDA YHLAS BILEN ZÄHMET ÇEKERIS.

# TÜRKMEN UNIWERSITETI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň aýlyk gazeti | 1958-nji ýylda esaslandyryldy | Möçberi: 8 sahypa | 2026 | Ýanwar | #1/46

## ÖSÜŞIŇ TÄZE BELENTLIKLERINE BARÝARYS

Öňden gelýän peder ýoluny Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe rowaçlyk bilen dowam etdirýän hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow döwlet Baştutany wezipesine girişen gününden beýläk ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň ähli ugurlarynda düýpli özgertmeleri giňden ýaýbaňlandyrmak esasynda, onuň dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşulmagyna uly yhlas siňdirip gelýär. Şonda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda her bir ýyly onda amala aşyryljak tutumly işlere mahsus alamatlary özünde şöhlelendirýän çuňňur manyly şygarlar bilen atlandyrmagynyň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň dowam etdirilmeginiň ähmiýetiniň iňňän uludygy hemmelere mälim hakykat.

Bu babatda gürrüň edilende mukaddes Garaşsyzlygyň otuz ýyldan gowrak taryhynyň dürli döwürleriniň döwrebap atlandyrylandygy aýratyn uly ähmiýete eýedir. Şonda Garaşsyzlyk taryhynyň ilkinji döwrüniň (I döwür — 1991 — 2006 ýý.) Berkarar döwletiň milli galkynyş döwri, Gahryman Arkadagymyz döwlet Baştutany wezipesine girişen badyna başlanan ikinji döwri (II döwür — 2007 — 2012-nji ýylyň fewraly) Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamy, üçünji döwri (III döwür — 2012 — 2022 -nji ýylyň fewraly) Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri, dördünji döwri bolsa (IV döwür — 2022 fewralyndan bäri) Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri diýip atlandyrylandygyny bellemek gerek.

Gahryman Arkadagymyz 2007-nji ýylda döwlet Baştutany wezipesine girişmegi bilen, geçiş döwrüniň meseleleri doly çözülip, Garaşsyz ýurdumyzyň ösüşinde täze döwür başlandy. Şol döwri bolsa Gahryman Arkadagymyz Täze Galkynyş we beýik özgertmeler döwri diýip atlandyran bolsa, onda 2012-nji ýylyň 24-nji fewralynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde halkymyzyň ösüşiň hil taýdan täze belentligine, ýagny Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüne gadam goýandygyny yglan etdi. Ine, şondan soňra her bir ýylda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda halkymyzyň durmuşa geçirýän tutumly işleri ýurdumyzy belentden-belent derejelere çykaryp gelýär. Şonda her bir ýylyň özüne mahsus şygar astynda geçmegi halkymyzyň ruhuny belende göterip, şol ýyllarda ähli adamlaryň döredijilik yhlasyny öňde duran möhüm wezipeleriň üstünlikli çözülmegine ugrukdyrýan ýol görkeziji şamçyrag bolup hyzmat etdi diýsek hakykatdan daş düşmeris.

Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygynyň uly dabaralara beslenen ýyly bolan 2014-nji ýylyň tutuş türki dilli döwletleriň çygrynda Magtymguly Pyragy ýyly, 2015-nji ýylyň «Türkmenistan — Bitaraplygyň we parahatçylygyň ýurdy» ýyly, 2016-njy ýylyň «Mirasa sarpa goýmak, Watany özgertmek» ýyly, 2017-nji ýylyň «Türkmenistan — sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy» ýyly, 2018-nji ýylyň «Türkmenistan — Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» ýyly, 2019-njy ýylyň «Türkmenistan — rowaçlygyň Watany» ýyly, 2020-nji ýylyň «Türkmenistan — Bitaraplygyň mekany» ýyly, 2021-nji ýylyň «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýyly, 2022-nji ýylyň «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýyly, 2023-nji ýylyň «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» ýyly, 2024-nji ýylyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy», 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip atlandyrylan bolsa, onda täze, ýaňy gadam goýan 2026-njy ýylymyz «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýen ajaýyp şygar bilen biziň halkymyzy röwşen geljege sary alyp gider.



Gahryman Arkadagymyzyň geljek ýylyň — Gündogaryň müçenamasynda ýylky, ýagny bedew ýyly bolup gelýändiginiň aýratyn uly ähmiýete eýedigi, şeýle-de halkymyzyň köpasyrlyk taryhynda ahalteke bedewlerine uly ornuň degişlidigi baradaky pähimlerinden, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ösüşiň belentliklerine tarap bedew bady bilen ynamly öňe barýan berkarar Watanymyzyň ähli ugurlarda gazanylýan üstünliklerini dabaralandyrmak maksady bilen, halk wekillerinden, ýurdumyzyň iri jemgyýetçilik birleşiklerinden, zähmetkeş toparlaryndan, raýatlardan gelip gowşan teklipleriň esasynda, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygynyň uly dabaralara beslenjek ýyly bolan 2026-njy ýyly «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýip atlandyrmak barada Mejlisiň taýýarlan kararynyň hem-de şol ýylyň nyşanynyň geçen, 2025-nji ýylyň 26-njy dekabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňişleýin mejlisinde Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan tassyklanmagy halkymyzyň göwnüni galkyndyran möhüm waka boldy.

Hut şonuň üçinem, 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» şygarynyň hem-de bu ýylyň nyşanynyň many-mazmunyny wagyz etmek boýunça ýurdumyzyň ähli künjeklerinde giňden ýaýbaňlandyrylan çäreler bu babatda halkymyzyň Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden çykýan hoşallyklarynyň aýdyň beýanydyr diýsek hakykatdan daş düşmeris.

Bizem şu pursatda Gahryman Arkadagymyzy, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, bütin halkymyzy ýaňy gadam goýan 2026-njy ýylymyzyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagy bilen tüýs ýürekden gutlap, hemmelere berk jan saglyk, bagtyýar durmuş, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işlerinde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Täze ýylyňyz gutly bolsun, mähriban adamlar!

**Atajan BURYNOW,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň müdiri, professor.**

# Täzelikler

## Eýran Yslam Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçisi bilen duşuşyk geçirildi

**14-nji ýanwarda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektory O.Öwezsähedow bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Ali Mojtaba Ruzbehaniniň arasynda duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň barşynda taraplar medeniýet hem-de ylym-bilim ulgamlarynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.



## Gazak milli mugallymçylyk uniwersitetiniň wekilleri bilen duşuşyk

**20-nji ýanwarda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektory O.Öwezsähedow bilen Gazagystan Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi N.Nogaýewiň hem-de Abaý adyndaky Gazak milli mugallymçylyk uniwersitetiniň wekilleriniň arasynda duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen Abaý adyndaky Gazak milli mugallymçylyk uniwersitetiniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek bilen bagly mümkinçilikler ara alnyp maslahatlaşyldy.



## Hünär kämilleşdiriş okuwlary

**12—13-nji ýanwarda** Beýik Britaniýanyň Westminster uniwersitetiniň ylym we bilim alyş-çalşygy işleri boýunça prorektorynyň orunbasary Endrýu Lin hem-de uniwersitetiň ylmy gözleg işgäri, filosofiýa ylymlarynyň doktory Anastasiýa Bezborodowa «Merkezi Aziýada iňlis diliniň öwredilişini çaltlandyrmak» atly maksatnamasy boýunça hünär kämilleşdiriş okuwlary geçmek üçin Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde boldular. Okuwlar «Merkezi Aziýada iňlis dilini öwretmegiň hilini ýokarlandyrmak boýunça bilim taslamasynyň» (AELLCA) çäklerinde geçirilýär.



Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň ýolbaşçylarynyň hem-de Beýik Britaniýanyň Westminster uniwersitetiniň professorlarynyň gatnaşmagynda ylym-bilim, hünär derejesini kämilleşdirmek we hyzmatdaşlyk etmegiň ileri tutulýan ugurlary boýunça duşuşyk geçirildi.

Soňra Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň iňlis dili we edebiýaty fakultetiniň



mugallymlarynyňdyr talyplarynyň gatnaşmagynda hünär hem-de okuw derejelerini kämilleşdiriş okuwlary geçirildi. Myhmanlar iňlis dilini öwretmegiň häzirki zaman usulyýeti, Merkezi Aziýada, şol sanda Türkmenistanda iňlis dilini öwretmegiň aýratynlyklary, ony öwretmegi çaltlandyrmagyň usulyýeti bilen baglanyşykly gürrüň berdiler. Hususan-da, uniwersitetiň iňlis dili we edebiýaty fakultetiniň mugallymlarynyň hünär derejesini ýokarlandyrmak, talyplaryň hünär endiklerini kämilleşdirmek maksady bilen iňlis dilini öwretmegiň ýollarydyr döwrebap usulyýeti boýunça çykyş etdiler.

## «Bilermenler» zehin bäsleşigi geçirildi

**16-njy ýanwarda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilmegi we Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygy mynasybetli fakultetleriň arasynda «Bilermenler» zehin bäsleşigi geçirildi.



Bäsleşik üç tapgyrdan ybarat bolup, oňa gatnaşyjylara Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ilhalar içeri we parahatçylyk söýüjilik, ynanyşmak ugrunda alyp barýan parasatly syýasatlary, häzirki zaman türkmen jemgyýetini döwrebap kämilleşdirmek, ýurdumyzda bilim bermegiň hilini we mazmunyny ösdürmek bilen baglanyşykly kabul edilen maksatnamalar, konsepsiýalar, strategiýalar boýunça sowallar berildi.

Bäsleşige gatnaşyjy talyplar kesgitlenen wagtyň dowamynda berlen sowallara çalasynlyk bilen dogry, takyk jogap bermek bilen, pikirleniş endiklerini kämilleşdirmäge hem mümkinçilik aldylar.

Zehin bäsleşiginde ýeňiji bolan talyplara Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Kärdeşler arkalaşygynyň Ilkinji guramasynyň ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy.

## «Iň gowy ylmy iş — 2025»

Russiýa Federasiýasynyň Penza şäheriniň «Ylym we magaryf ylmy hyzmatdaşlyk boýunça halkara merkezi» tarapyndan geçirilen «Iň gowy ylmy iş — 2025» atly XXIII Halkara ylmy-barlag bäsleşigine hukuk öwreniş hünäriniň 4-nji ýyl talyby N.Baýryýew «Hukuk ylymlary» ugry boýunça II derejeli Diploma mynasyp boldy.

Konstitusiýa hukugy kafedrasynyň uly mugallymy, hukuk ylymlarynyň kandidaty O.Suhanberdiýewanyň taýýarlamagynda bäsleşikde N.Baýryýew «Türkmenistanyň milli howpsuzlygynyň hukuk esaslary we ony üpjün etmegiň aýratynlyklary» atly ylmy işi bilen gatnaşdy.




## «GDA-nyň iň gowy talyby»

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň žurnalistika hünäriniň 3-nji ýyl talyby Durdygylyç Ýarjanow hem-de italýan dili we edebiýaty hünäriniň II ýyl talyby A.Arazberdiýewa «GDA-nyň iň gowy talyby» atly halkara bäsleşikde ýeňiji boldy.

Uniwersitetiň talyplary bäsleşige



internet arkaly gatnaşyp, I derejeli Diploma, döşe dakylýan nyşana we kuboga mynasyp boldular.

Bäsleşik Gazagystan Respublikasynyň Astana şäherindäki «Bilim-orkenieti» milli innowasiýa ylmy-gözleg merkezi hem-de «Žana Gazagystan» respublikan innowasion merkezi tarapyndan guralýar.

Eminler topary D.Ýarjanowyň hem-de A.Arazberdiýewanyň GDA ýurtlarynyň



ýaşlar syýasatynyň ösdürilmegine goşan goşantlaryna ýokary baha berdiler. Bu ykrar ediliş türkmenistanly talybyň ylym-bilim we döredijilik ugrunda alyp barýan yzygiderli işleriniň hem-de ýurduň bilim ulgamynyň halkara derejedäki abraýynyň aýdyň subutnamasydyr.

**Sahypany taýýarlan**
**Toýly BABAÝEW,**
**žurnalistika hünäriniň**
**2-nji ýyl talyby.**

## Halkara hyzmatdaşlygyň çäklerinde



**8-nji ýanwarda** «Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen Pekiniň daşary ýurt dilleri uniwersitetiniň arasynda özara hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ähtnamanyň» çäklerinde, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak we hünär derejelerini ýokarlandyrmak ugrunda deň şertlerde talyplary alyş-çalyş etmegiň mümkinçiliklerini öwrenmek maksady bilen wideoaragatnaşyk arkaly duşuşyk geçirildi.

**Döwrüň bedew bady bilen**

# «HAKYDA GÖWHERINDE» BEDEW WASPY




Geçip barýan ýyllary, günleri çapyp barýan ýyndam atyň toýnagyna deňän şahyr mamla. Çünki biz taryh arkaly geçmişimize gaýybana syýahat edýäris, düýnümizi öwrenýäris, şu günümize düşünmäge, geljegiň ýoluna dogry gönükmäge çalyşýarys. Türkmen taryhyna degişli şol içi syrly sahypalary agtaryp oturyşyňa, bir ajaýyp gudratda pikiriň eglenýär. Ol türkmeniň ynsan gylykly dal bedewidir. Uzak taryhy döwürler barada gürrüň edilende, adamzat geçmişinde bedewleriň ornunyň juda uly bolandygyna anyk göz ýetirmek bolýar. Gadymy türkmen topragynda pederlerimiz tarapyndan asyrlaryň dowamynda kemala getirilip, umumadamzat gymmatlygyna öwrülen behişdi bedewlerimiz dünýä ýüzünde bar bolan tohum atlarynyň arasynda iň naýbaşylarynyň biri hasaplanýar. Muny türkmen bedewleriniň çeper taryhy waspnamasy bolan Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» kitabyndaky şeýle jümleler hem tassyklaýar: «Antik döwrüniň akyldarlary tarapyndan abraý-mertebesi beýige galdyrylan, şeýle-de Beýik Ýüpek ýolunyň üsti bilen Günbatar we Gündogar ýurtlarynyň arasynda aýratyn gymmatly haryt hökmünde söwdasy edilen nusaý atlarynyň dowamaty bolsa, şu günki gün dünýäde şöhratlanýan ahalteke bedewleridir».

Wepadarlygy, owadanlygy, ýyndamlygy, çydamlylygy bilen halkymyzyň göz-guwanjyna, milli buýsanjyna öwrülen behişdi bedewlerimiz il-günümiziň uçar ganatydyr we köňül buýsanjydyr.



Alym Arkadagymyzyň ajaýyp kitabynyň mazmunyndan görnüşi ýaly türkmen topragynyň gözelligine gözellik goşýan bedewlerimiziň dabarasy müňlerçe ýyl öň dünýä ýaýrapdyr. Olar barada dürli döwürlerde ýazylan buýsançly maglumatlara, wakalara, taryhy ýadygärliklere «Hakyda göwheri» kitabynda beýan edilişi ýaly näçe diýseň gabat gelmek bolýar. Şeýle taryhy maglumatlaryň biri hem Gahryman Arkadagymyzyň kitapda beýan edýän Muhammet pygamberiň giýewisi Alynyň meşhur Düldüli bilen bagly ýadygärligidir. Maglumatlardan görnüşi ýaly, Düldüliň dagda galan toýnak yzlary hem grekleriň haýran galmak bilen beýan eden mes toprakly mekanlarynda, hytaý imperatorlarynyň «şalaryň bedewleri», «asman atlary» diýip häsiýetlendiren bedewleriniň, «nusaý atlarynyň» ösdürilip ýetişdirilen ýerinde müdimi galypdyr.

Otparazçylygyň keramatly hudaýy Mitra we türkmen bedewleri hakyndaky maglumatlar hem täsirli. Gün hudaýy bolan Mitra Garagumda we Uzboýuň kenarlarynda ýaşan biziň irki pederlerimiz bolan massagetler tarapyndan keramatly hasaplanylan bedew bilen deňeçer saýylypdyr.

Ýene bir täsin maglumatlaryň biri hem beýik makedon serkerdesiniň rowaýata siňen Busefal atly şa bedewi hakyndadyr. Alym Arkadagymyzyň kitapda getirýän taryhy maglumatlaryna görä Aleksandr Makedonskiniň goşuny gündogara süýşmek bilen b. e. öňki 330—329-njy ýyllaryň sowuk aýlarynda Nusaýda gyşlamagy makul bilipdir. Aleksandr bu ýeriň ýaýlalarynyň gözelligine hem-de ajaýyp nusaý bedewleri ýetişdirilýän täsin tebigatly dag-derelerine haýran galypdyr. Onuň Busefal atly şa bedewi hut şu nusaý atlarynyň tohumyndan döräpdir. Bu taryhy hakykat bilen bagly şeýle gürrüň bar. Hemişe at üstünde, harby ýörişlerde bolan Aleksandr Makedonskiý öz söwer dosty Busefala diýseň öwrenişipdir. Bir gezek ol dosty Apelles atly nakgaşa öz suratyny çekdirýär. Ýöne ol surat serkerdäniň känbir göwnüne ýaramaýar. Köşgüň howlusynda suraty synlap duran patyşa söwer dosty Busefalyň gelýänini aňşyrmandyr. Öz maýdalyna gezim edip ýören bedewiň Isgenderiň uly suratyna gözi düşýär. Ol suratdaky dostuny görüp, diýseň begenýär. Şonda nakgaş ýylgyryp: «Köşkde çyn sungata baha berip bilýänleriň bardygam gowy» diýýär. Busefalyň bu hereketine göwni göterilen serkerde şondan soň surata öz mynasyp bahasyny beripdir.

Türkmeniň bedew atyna bolan söýgüsini görmek üçin, halk döredijiligimiziň dürdänelerine nazar aýlaýmalydyrys. Ol hazynada, ilki bilen, Göroglynyň Gyraty çarpaýa galýar. «Görogly» şadessanynda türkmen halky bedew baradaky çeper gözleglerini Gyratyň keşbinde jemläpdir. Baş gahrymanyň syrdaşy, ýoldaşy, kyn günde medetkäri hökmünde birkemsiz ykrar edilen Gyrat türkmen halkynyň ata bolan garaýşyny görkezýän nepislikdir. Munuň bilen bagly pikirler «Hakyda göwheri» kitabynda şeýle mazmunda jemlenýär: «Halkymyzyň bedewe bolan söýgüsi Göroglynyň Gyratyna bolan garaýşynda aýdyň ýüze çykýar. Göroglynyň bedewini taryp edip aýdýan namalary halkymyzyň bedewe söýgüsiniň senasy diýilse hem dogry bolarmyka diýýärin».



Bedewiň durmuşda, söweşde bitirýän hyzmatynyň uludygy barada halk kyssalarda, dessanlarda çeper beýan edilipdir. Halkymyzyň bedewe bolan şeýle garaýşy «Oguznamalarda» hem öz beýanyny tapýar. Eseriň mazmunyndan görnüşi ýaly, engam-baýlygy sansyz bolsa-da, Ogzy iki atyň ýitirim bolmagy ynjalykdan gaçyrýar. Ogzuň ony tapyp getirendikleri üçin hoşal bolup, sowgat-serpaý we mähribanlyk etmegi, şeýle-de eseriň bölümlerinde hereket edýän wakalarda oguz kowmunda han saýlananda geljekki hanyň ata mündürilmegi bilen bagly dessurlar bedew ata aýratyn sarpa goýýan halkymyzyň bu häsiýetiniň gadymylygyny açyp görkezýär.

Alym Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» kitabyndaky: «Türkmenleriň müňýyllyklaryň jümmüşinde bedewe — dünýädäki iň bir akylly hem gözellik taýdan kämil jandara bolan söýgüsi egsilmedi» diýen sözleri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe has rowaçlanýar. Häzirki döwürde ýurdumyzda atçylyk pudagyny ösdürmek, gözbaşy müňýyllyklaryň jümmüşine uzaýan milli atşynaslygyň baý däplerini dowam etdirmek, atçylyk sportuny höweslendirmek, bu ugurda gyzyklanma bildirýän daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklary giňeltmek boýunça Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan işleri Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýär. Çünki bedew batly mekanymda at—ýigidiň myrady!

**Aýlar BAÝRAMOWA,**
**türkmen dili kafedrasynyň mugallymy.**

## Täsirli duşuşyk

**16-njy ýanwarda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň taryh fakultetiniň arheologiýa we etnologiýa kafedrasynyň mugallymlarynyň, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh we arheologiýa institutynyň alymlarynyň gatnaşmagynda 2026-njy — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly atmyradyň mekany» ýylynyň ähmiýeti we onuň nyşanynyň many-mazmuny barada duşuşyk geçirildi. Duşuşygyň barşynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh we arheologiýa institutynyň bölüm müdiri, taryh ylymlarynyň kandidaty, arheolog Allaguly Berdiýew türkmen bedewleriniň taryhy, ýurdumyzyň çäklerindäki ýadygärliklerde geçirilen arheologiýa barlaglary esasynda ýüze çykarylan tapyndylarda bedewleriň keşbiniň şöhlelenişi dogrusynda giňişleýin gürrüň berdi. Şeýle-de, arheologiýa we etnologiýa kafedrasynyň müdiri, taryh ylymlarynyň kandidaty Mähri Perdeliýewa arheologiýa maglumatlarynyň üstüni etnografiýa barlaglarynyň netijeleri bilen ýetirip, at bilen baglanyşykly däp-dessurlar, yrym-ynançlar, türkmen halyçylyk sungatynda bedewleriň keşbiniň şöhlelendirilişi barada giňişleýin belläp geçdi.



**«Türkmen uniwersiteti».**

# Eýýamlaryň şaýady

2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagynyň çuňňur manysy bar. Bu şygar Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde täze taryhy eýýamda ahalteke bedewiniň Türkmenistanyň ösüşleriniň esasy nyşanyna, döwürleriň hem nesilleriň aýrylmaz arabaglanyşygyna öwrülendigi niň aýdyň görkezijisidir. At türkmen üçin myratdyr, maksadyň hasyl bolmagydyr.

Alym Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» hem-de «Ganatly bedewler» atly çuň mazmunly, ajaýyp kitaplarynyň halkymyza gowuşmagy, ýurdumyzyň welaýatlarynyň ählisinde döwrebap atçylyk-sport toplumlarynyň gurlup ulanylmaga berilmegi gadymy sungatymyz bolan atşynaslyk sungatyna döwlet derejesinde üns berilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen ştab-kwartirasy Aşgabat şäherinde ýerleşýän Halkara atçylyk assosiasiýasynyň döredilmegi arassa ganly ahalteke atlarynyň genofonduny gorap saklamaga, olaryň baş sanyny artdyrmaga, daşary ýurtlardaky ahalteke atçylyk assosiasiýalaryny bir gurama birikdirip, öňde durýan wezipeleri bilelikde çözmäge ýardam edýär. Şu nukdaýnazardan dünýä medeniýetiniň taryhynda türkmen atşynaslygynyň ähmiýetine göz ýetirmek möhüm meseleleriň biridir.

Türkmen halkynyň adamzadyň medeni gymmatlygyna goşan ägirt uly goşantlarynyň biri onuň atçylyk sungatydyr. At ilkibaşda diňe maddy islegleri kanagatlandyrmak, ýagny ulag, söweşde peýdalanmak üçin ulanylan bolsa, soňlugy bilen ata bolan ruhy garaýyşlar döräpdir. At halk döredijiligine, däp-dessurlara, sungata aralaşypdyr. Sungaty öwreniji alymlar gadymy türki halklaryň döreden at heýkellerini, esbaplaryny öwrenip, atyň maddy we ruhy gymmatlygyň sazlaşygyny özünde jemleýändigini aýratyn belleýärler.

Gadymy türki ýazuw ýadygärliklerinde at bilen baglanyşykly sözlere ýygy-ýygydan gabat gelmek bolýar. Çeper edebiýatda atyň obrazlary peýda bolupdyr. Nusgawy şahyrlaryň eserlerinde at namysa, gaýrata deňelipdir. Türki dilleriň birentegine, şol sanda türkmen dilinde «atlanmak» sözüniň manysy giňelip «ulaga münmek» manysyndan «söweşe çykmak», «duşmana garşy söweşe girmek» manylaryna eýe bolupdyr. «At» düşünjesiniň maddylykdan ruhulyga geçmegi ýokarky sözüň manysyndan hem görünýär.

Türki halklaryň gadymy medeniýetinde at örän uly ähmiýete eýe bolupdyr. Uzak taryhy döwrüň dowamynda durmuşyň talaplary, dürli zerurlyklar netijesinde at türki halklaryň ýaşaýşynda esasy jandar hökmünde öňe çykypdyr. Atçylygyň taryhy örän gadymydyr. W.Eberhardyň «Hytaýyň taryhy» atly kitabynda atyň b.e.ö. IV— III müňýyllygyň ýarymynda Orta Aziýada ýaşaýan türki halklar tarapyndan eldekileşdirilendigi barada bellenilýär.

Ýewropaly alymlar türki halklaryň medeniýetini «atly medeniýet» diýip atlandyrýarlar. Bu hem atyň tutuş halkyň medeni durmuşyndaky ähmiýetiniň juda uludygyny görkezýär. Biri-birinden örän uzaklarda ýerleşýän ülkelere ýaýran türki halklaryň arasyndaky gatnaşygy saklamagyň iň ygtybarly guraly atlar bolupdyr. Atyň tizligi türki halklaryň durmuşynda möhüm orna eýe bolmak bilen, harby ýörişlerde onuň ýerini hiç bir zat tutup bilmändir. Batyr ýigitler söweşlerde wepat bolan ýagdaýynda olaryň atlary bile jaýlanypdyr. Şeýle etmek bilen är ýigitleriň o dünýäde-de atsyz galmagyna ýol bermek islenilmändir. Muňa halkymyzyň meşhur «Görogly» şadessany hem şaýatlyk edýär: «Halk ýüz müň ahy-perýat çekip, Göroglyny Çandybile eltip, kyrk ýigidiň, Öwez hem Hasan oglunyň, Bezirgen doganynyň ýanynda depin etdiler, üstüne bolsa ullakan gümmez saldyrdylar. Gyraty hem adam jaýlan ýaly edip, hormatlap, Göroglynyň ýanynda jaýladylar».

Türki halklaryň şekillendiriş sungatynda, arhitekturasynda hem atyň şekiliniň giňden ulanylmagy bellenilmäge mynasypdyr. At eýerleriniň, üzeňňileriň we beýleki at esbaplarynyň ilkibaşda türki ülkelerde ýasalyp, soňlugy bilen Hytaýa, Eýrana, şeýle-de dünýäniň beýleki künjeklerine ýaýramagy senetçiligiň bu görnüşiniň taryhy köklerini kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Sungaty öwrenijiler gadymy türki halklaryň döreden at heýkellerini, esbaplaryny öwrenip, atyň maddy we ruhy gymmatlygyň sazlaşygyny özünde jemleýändigini belleýärler.

Alymlaryň bellemegine görä atçylyk b.e. öňki III müňýyllykda Orta Aziýadan Alynky Aziýa (Mesopotamiýa) ýaýrapdyr. Rimlilere, Hytaýa, Hindistana hem atlar Orta Aziýadan alnyp gidilip ýaýradylypdyr. Hytaýlylar ol atlary «Jennet atlary» diýip atlandyrypdyrlar.

Orta asyrlaryň başlarynda bu gün «arap atlary» diýlip atlandyrylýan jyns atlaryň hem asly Orta Aziýa atlaryna degişlidir. XVII asyrda Angliýa getirilen arap atlaryndan häzirki döwürde iň meşhur tohumlaryň biri hasaplanylýan «iňlis atlary» kemala getirilipdir.

Orta Aziýanyň sähralary iň irki döwürlerden bäri atlaryň ýetişdirilýän belli mekany hasaplanylýar. 1246-njy ýylda şu sebitleriň içinden Mongoliýa geçip giden Rim papasynyň ilçisi Plano Karpini atlaryň sanynyň örän köpdügine haýran galyp, şeýle belläpdir: «Mallarynyň köplügi taýdan olar örän baý adamlardyr. Olaryň esasy mallary düýe, sygyr we geçidir. At hakynda aýdylanda bolsa, olaryň şeýle bir köp atlary bar welin, dünýäniň galan böleginde şunça sandaky atyň ýokdugyna güwä geçip bilerin».



Türki halklaryň ykdysady ösüşi esasan, ata hem-de goýna bagly bolupdyr. Bu hakynda VII asyryň birinji çärýeginde Gök türkleriň arasynda bolan Hytaý ilçisi: «Olarda at bilen goýun örän köpdür» diýip belleýär. XIX asyryň ikinji ýarymynda türki halklaryň durmuşyny düýpli öwrenen Wilgelm Radlowyň berýän resmi maglumatlaryna görä, Günbatar Sibirde ýaşaýan türki halklaryň atlarynyň sany iki milliondan az bolmandyr.

X asyrda, has takygy, 981 — 984-nji ýyllarda Uýgur türkleriniň Turfan we Bäş balyk şäherlerine syýahat eden Hytaý ilçisi Wang Ýen özüniň «Syýahatnama» atly kitabynda şeýle belläpdir: «Bäş balygyň golaýlary at ýetişdirmek üçin örän amatly ýerdir. Ol ýerlerde örän uly at sürüleri bar. Uýgur häkimleri, olaryň ogullary, garyndaşlary köp möçberli at sürülerine eýedir. Her süriniň aýratyn otlaýan ýerleri bar. Hökümdaryň we onuň golaýlarynyň reňkleri hem aýratyndyr. Şonuň üçin-de her kim özüne degişli atlary reňkleri boýunça bilýär». Ilçi atlaryň sany hakynda gürrüň edende «Ony diňe Alla bilýär» diýip belläpdir.

XIV asyrda türki halklaryň arasyna syýahat eden arap syýahatçysy Ibn Battutanyň ýazgylarynda bolsa: «Bu ýerlerde atdan köp zat ýokdur. Bu atlar Müsürde Agadiş/egdiş diýlip atlandyrylýar. Bizde goýnuň sany näçe bolsa, bularda atyň sany şonçadyr, belki, ondan hem köpdür» diýlip bellenilipdir.

Türki halklaryň arasynda atlaryň belent mertebeli adamlara sowgat hökmünde berlendigi barada hem taryhy maglumatlar bar. Horezm şasy Il Arslanyň Ymam Fahreddine beren köpsanly sowgatlarynyň arasynda jyns atlar hem bar ekeni. Soltan Jelaleddiniň ilçisi Halyf el Müstansirubillah tarapyndan kabul edilýär. Halyf käbir belli adamlara sowgatlar iberýär. Soň Jelaleddin Halyfa bolan hormaty hökmünde oňa birnäçe at sowgat berýär. Atlaryň patyşalara laýyk sowgat hökmünde görülmegi türki halklaryň arasynda gadymy döwürlerden bäri dowam edip gelýär.

Türki halklaryň arasynda at bilen bagly düýş görülse, onuň dürli ýorgutlary aýdylýar. Mysal üçin: düýşünde al ata münmek ömrüň uzak boljakdygyny, gara ata münmek döwletliligi, çaganyň dogulmagyna golaý göwreli ene düýşünde ata münse, çaganyň ogul boljakdygyny, at görse, çaganyň rysgally, batyr boljagyny alamatlandyrýar diýlip hasaplanylypdyr.

Halklarymyzda göz degmezlik üçin ulanylýan zatlaryň biri at nalydyr. Türki halklarynda öýüň işiginiň iç ýa-da daş tarapynda atyň naly asylyp goýulýar. Bu däp türkmen halkynyň arasynda-da giňden ýaýrandyr. XIX asyryň ikinji ýarymynda Merwiň golaýyndaky teke türkmenleriniň arasyna syýahat eden iňlis syýahatçysy E.Odonowan türkmenleriň gara öýleriniň gapylarynyň iç tarapyndan nalyň asylýandygyny belläp, bu däbiň azyndan müň ýyllyk ýaşynyň bardygy hakynda aýdýar.

Gözbaşyny taryhyň gatlaryndan alyp gaýdýan atşynaslyk sungaty bilen baglanyşykly işlere ser salanyňda türkmen bedewleri bilen baglanyşykly örän gyzykly maglumatlara duş gelmek bolýar. Şeýle gymmatly işleriň biri-de Kanadanyň Toronta uniwersitetiniň professor I.Edward Çamberliniň «At» atly kitabydyr. Bu iş dünýäniň atçylyk sungaty bilen baglanyşykly örän köp maglumaty öz içine alýar. Şol maglumatlaryň esasy bölegi taryhy çeşmeler bilen baglanyşyklydyr.

Ahalteke atlarynyň dünýä taryhynda mynasyp orun alan beýik serkerde Aleksandr Makedonskiniň, ýagny Isgender Zülkarneýniň durmuşyndaky ähmiýeti has-da üns bererliklidir. Bu beýik şahsyýetiň wepaly ýoldaşy, onuň özi bilen bilelikde taryha giren Busefalyň gelip çykyşynyň ahalteke atlaryndan gözbaş alandygy hakyndaky maglumatlar has-da ünsüňi çekýär.

Taryhy maglumatlara görä, tesaliýaly at söwdagäri Filonik Makedoniýanyň hökümdary Filipe satmak üçin bir at getirýär. Bu at olimpiýa oýunlarynda çykyş etdirmäge niýetlenilipdir. Atyň arkasynda öküziň kellesiniň şekiliniň bardygy üçin ol «öküz baş» diýlip atlandyrylýar. Busefalyň «öküz baş», «öküz kelle» manylaryny berýändigini dürli çeşmeler hem tassyklaýar. «Rus diliniň sözlük düzümine giren daşary ýurt dilleriniň sözleriniň sözlügi» we «Rus dilinde ulanylýan 25000 daşary ýurt diliniň sözleriniň düşündirilişi» atly kitaplarda Busefalyň grekçe «bukephalos», ýagny «bus» — «öküz» we «kephale» — «kelle» manylaryny aňladýandygy bellenilýär. Käbir maglumatlarda Busefalyň kellesiniň öküziň kellesine meňzeş bolandygy barada-da aýdylýar. Biziň pikirimizçe, «öküz baş» ady atyň arkasyndaky belликden gaýdýan bolmaly.



Ol at örän sarç bolandygy sebäpli öz töweregine hiç bir adamy eltmändir. Filip bu ýagdaýy görüp, aty satyn almakçy däldigini aýdanda, hökümdaryň 12 ýaşly ogly Isgender şol atyň özüne berilmegini haýyş edýär. Hö-

*(Dowamy 5-nji sahypada).*

## «Atda wepa-da bar, sapa-da»

# Bedew ýyly ösüşlere dowamat

Biziň häzirki ýaşaýan zamanamyzda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda halkymyzyň milli buýsanjy bolan bedew atlarymyza goýulýan sarpa, dünýä ýüzünde olaryň at-owazasynyň giňden ýaýramagy ugrunda edilýän işlere seredeniňde, türkmen halk döredijiliginiň naýbaşy eserleriniň biri bolan «Görogly» şadessanynda Görogly begiň elmydama ýow güni ýoldaşy, şat gününde syrdaşy bolan Gyrata bagyşlap aýdan sözleri dessine ýadymyza düşýär. Aslynda bu şadessanyň esasy özboluşly tarapy, Görogly begiň namalarynyň aglabasyny gönüden-göni Gyrata bagyşlap döretmegidir. Halkymyzyň edebi hakydasyna baky ornaşan şol namalar türkmen topragynda bedewlerimize dost, syrdaş hökmünde seredilýändigini aýdyňlygy bilen görkezýär.

Görogly entek çaga döwürleri onuň atasy Jygaly beg Göroglynyň hemişelik hemrasy bolan Gyratyny seýisleýär. Jygaly begiň oňa berýän öwüt-ündewleriniň köpüsi Gyrat bilen baglanyşyklydyr. Görogly beg elmydama özünde dörän şatlygyny, gaýgysyny ilki Gyraty bilen paýlaşypdyr. Ol bedew atyna ýüzlenip:

*Gurbanyň bolaýyn, janym Gyratym,*
*Aral derýasyndan geçer günüňdir.*
*Dünýäde zynatym, güýjüm-kuwwatym,*
*Algyr laçyn kimin uçar günüňdir —*

diýip, Gyratyna hemaýatkär hökmünde hemişe bil baglaýar. Ýeňip geçmesi kyn bolan kynçylykly hadysalara duşanda-da atynyň kömegi bilen şol kynçylyklary ýeňmegi başarýar, kowsa, ýetýär, gaçsa, gutulýar. Şol sebäpli hem ýerinde Görogly beg mydama Gyratynyň tarypyny uludan ýetirýär:

*Bedewiň asly behiştden,*
*Berekella, Gyrat, saňa !*
*Nalyň tylladan-kümüşden,*
*Berekella, Gyrat, saňa!*

Şadessanda gyratyň keşbi — dostlugyň simwoly. Görogly begiň tutuş ömrüniň ýoldaşy Gyratyň waspy bu gün aýdyma öwrülip, halkymyzyň hakydasynda ýaşap ýör. Biz elmydama bedewlerimiziň şanyna taryplaýjy sözleri aýdanymyzda, olara bolan buýsanjymyzy beýan edenimizde olary Gyrata deňeýäris. Gyratyň keşbi bedewlerimiziň sungat dilindäki tarypynyň belent nusgasydyr. Şadessanyň içindäki namalar bolsa toýdur-dabaralarymyzda bagşylarymyzyň şirin owazyna garylyp, köňüllere ylham berýär. Görogly begiň:

*Görogly diýr, adym älemde destan,*
*Gyratym meýdanda ner kimin mestan —*

diýen sözleri häzirki bagtyýar günlerimizde durmuş hakykatyna öwrüldi. Çünki «Görogly» şadessany ÝUNESKO tarapyndan umumadamzat gymmatlygy hökmünde kabul edildi. Görogly begiň Gyratynyň nesilleri bolan biziň bedew atlarymyz bu günki gün messan ýörişi, gyz gylykly bakyşy bilen tutuş dünýäde görenleri haýrana goýýar.

Türkmen bedewleriniň tarypyny ussatlyk bilen ýetirmekde Milli Liderimiz Gahryman Arkadagymyzyň olara bagyşlap döreden «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Ganatly bedewler», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly ajaýyp eserleri





hem biziň şu günki nesillerimize pederlerimiziň bedew atlaryny nähili hormatlandyklaryny öwretmekde gymmatly taglymatdyr. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan Watanymyzda baş halypamyz Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda her bir gelen täze ýyla mynasyp at goýmak indi ençeme ýyl bäri adata öwrüldi. Täze 2026-njy ýylymyz hem türkmen milli müçenamasynda at ýyly. Bu aýdylanlara mysal hökmünde halkymyzdan gelip gowşan teklipler esasynda täze 2026-njy ýylymyza hem «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip mynasyp at dakyldy. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň halkymyza täze ýyl gutlagynda belläp geçişi ýaly täze 2026-njy «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylymyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygy bellenip geçiler. Biziň milli buýsanjymyz bolan bedewlerimiz bilen baglanyşykly bolan bu täze ýylda ata Watanymyz Türkmenistanyň tutuş dünýä ýüzündäki at-abraýy mundan hem belentliklere galsyn! Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan Watanymyzda halypa seýis Gahryman Arkadagymyz hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan şeýle uly sylag-sarpa mynasyp görülýän bedewlerimiziň at-abraýyny, şan-şöhratyny has-da dabaralandyrmak üçin alnyp barylýan döwletli işler rowaçlyklara beslensin!

**Serdar ŞAMYRADOW,**
**türkmen edebiýaty kafedrasynyň mugallymy.**

# Eýýamlaryň şaýady

***(Başlangyjy 4-nji sahypada).***

kümdar aty Isgendere bermegi buýurýar. B.e. öňki 343-nji ýylda Busefalyň bahasy üçin 13 (käbir maglumatlarda 16) talant kümüş tölenilýär. Bu möçberdäki kümüş, takmynan, 340 kilogrpama deň bolup, oňa 1500 esgeri ekläp-saklap boljak ekeni.

Isgender atyň ýanyna beýlekiler ýaly gamçyly barmaýar. Ol atyň öz kölegesinden gorkýandygyny duýup, ony Günüň şöhelsiniň düşmeýän ýerine geçirýär hem-de boýnundan sypalaýar, hoşamaýlyk edýär. Şu pursatdan hem Isgender bilen Busefalyň dostlugy başlanýar. Şondan soň Busefala Isgenderden başga hiç kim münmeýär.

Bu atyň, ýagny Busefalyň gelip çykyşy barada çeşmelere daýanylyp, şeýle maglumat berilýär: «Tesaliýanyň obalaryndan getirilen bolsa-da, Busefalyň aňyrsy ahalteke atlaryndandyr. Üç günüň dowamynda suw içmezden ýol geçip bilýän atlary bilen meşhurlyk gazanan Ahal ülkesi Orta Aziýanyň Garagum çölünde ýerleşýär».

Meşhur syýahatçy Marko Polonyň Badahşana syýahatyndaky ýazgylarda bellenilişine görä, Busefal Parfiýanyň paýtagty Nusaý atlarynyň neslinden bolup, beýleki tohumlardan düýpli tapawutlanýar. Kawkaz halklarynyň dilden-dile geçip gelýän rowaýatlaryna laýyklykda bolsa, Busefalyň damarlaryndan meşhur ahalteke bedewiniň gany akypdyr.

Isgender Zülkarneýn elli derejeden hem ýokary bolan yssy howalarda, Hindiguş daglarynyň gar we buz basan gerişlerinde, batgalyklarda, tozanly sähralarda mydama Busefala bil baglapdyr. Makedoniýadan Hindistana çenli ýaýylyp ýatan otuz müň kilometrlik ägirt uly imperiýanyň eýelenmeginde, Isgenderiň şan-şöhratynyň dünýä dolmagynda ahalteke atynyň nesli Busefalyň deňsiz-taýsyz hyzmaty bar. Busefal köp pursatlarda Isgenderiň janyny halas edendigi hem bellidir. Maglumatlara görä, b.e.ö 326-njy ýylda Penjap şäheriniň golaýynda Hydaspes derýasynyň boýunda hindi şasy bilen söweşde Busefal 30 ýaşynda ölýär. Şonda-da ol Isgenderi ölümden gutarýar. Hökümdar öz wepadar atynyň hormatyna eýelän şäheriniň birine Busefalyň adyny dakypdyr. Aleksandriýa Busefal (Alexandria Bukephalos) şäheri häzirki Jelalpur şäheri hasaplanylýar. Ol atyň hormatyna atlandyrylan dünýäde ýeke-täk şäher hasap edilýär.

Busefalyň adynyň türki dillerde «öküz» we «baş» manylaryny aňladýandygy, şol sözüň gelip çykyşy hem onuň ahalteke atlarynyň neslindendigine güwä geçýär. Sebäbi, «öküz» türkmen halkynyň gadymy taryhy bilen aýrylmaz baglydyr. B.e. öňki III müňýyllygyň birinji ýarymynda, bürünç eýýamynda döräp, şol müňýyllygyň ahyryna çenli dowam eden, iň gadymy döwlet hasaplanylýan Altyndepe şäher döwletinden tapylan öküziň kellesiniň şekili munuň aýdyň şaýadydyr. 1972-nji ýylda arheologiki gazuw-agtaryş işleriniň barşynda bu ýerden öküziň hem-de möjegiň altyndan ýasalan kelleleri tapylypdyr. Öküziň kellesiniň şekili örän kiçijik hem bolsa, örän anyk we nepis ýerine ýetirilipdir, ony ýasan zergäriň ussatlygy haýran galdyryjy derejede ýokarydyr. Şekiliň maňlaýynda ýarym Aý bolup, şahlary inçeden uzyndyr. Öküz Ýerdäki ýaşaýşy, Aý — keramatly asmany aňladýar. Öküziň kellesiniň şekili ýaşaýşyň, keramatyň, bakylygyň alamatydyr. Busefalyň arkasyndaky öküziň kellesini şekillendirýän belgi halkymyzyň gadymy ynançlarynyň, dünýägaraýşynyň özboluşly beýanydyr.

Diýmek, türkmen bedewiniň taryhy-da türkmeniň öz taryhy ýaly şöhratly sahypalara eýedir. Eýýamlar, zamanalar aýlanyp, döwürler döndi. Adamzadyň döreden ençeme gymmatlyklary, guran ajaýyp binalary taryhyň gatlaryna siňip gitdi. Ýöne türkmeniň ýiti zehininiň, bimöçber yhlasynyň, uçursyz üşüginiň miwesi bolan bedewlerimiz asyrlaryň jümmüşinden häzirki günlerimize çenli diňe öz halkymyzyň däl, eýsem, dünýä taryhynyň hem ykbalözgerdiji möhüm wakalaryna gatnaşyp, älemi haýrana goýup gelýär. Eýýamlaryň şaýady bolan türkmen bedewi häzir Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň owazasyny bütin dünýä ýaýýar.

**Tagandurdy BEKJÄÝEW,**
**türkmen dili kafedrasynyň**
**uly mugallymy.**

# Durmuş işi we hünär kämilligi

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 27 — 31-nji oktýabrynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň—ÝUNISEF-iň bilermeni Olga Moiseenkonyň, ÝUNISEF-iň Aşgabatdaky durmuş syýasaty boýunça hünärmeni, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň durmuş üpjünçiligi bölüminiň başlygy, Türkmenistanyň Adalatçysynyň Diwanynyň wekili we Türkiýäniň sosial hyzmatlar boýunça hünärmeni, adalatçysynyň alyp barmagynda hem-de onuň çäklerinde ýurdumyzyň durmuş işi boýunça hünärmenleri, işgärleri, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň we Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymlary üçin okuw-maslahat sapaklary guraldy. Okuw-maslahat sapaklary «Habary kabul etmek we ony gaýtadan işlemek», «Şahsy zerurlyklara baha bermek», «Pudagara iş toparyny döretmek», «Genogramma (maşgala maglumaty hakynda ýazgy) serişdesi», «Ekokarta guraly», «Toplumlaýyn bahalandyrmak: umumy düzgünler», «Ýaşy uly adamlary toplumlaýyn bahalandyrmak», «Çaga, onuň maşgalasyna we ýakyn gurşawynyň ýagdaýyna toplumlaýyn baha bermek», «Şahsy (Indiwidual) meýilnamany işläp düzmek», okuwyň 3-nji bölek boýunça aralyk jemleme işlerini ýola goýmak tertibinde geçirildi.

2025-nji ýylyň 5-nji, 11-nji we 12-nji iýunynda tejribelik işlerini alyp barmakda okuw-usuly maslahatyna gatnaşan mugallymlardyr talyplar bilen geçirilen onlaýn-maslahatda «Durmuş işi» bakalawr maksatnamasy boýunça okaýan talyplaryň okuw tejribeliklerini guramagy kämilleşdirmek, okuw-usuly maslahatlary geçirmek, mugallymlaryň hünär kämilligini ýola goýmak maksady bilen, BMG-niň Çagalar gaznasynyň ýardam etmeginde birnäçe işler ýerine ýetirildi.

2025-nji ýylyň 23-nji iýunyndan 5-nji iýul aralygynda tejribelik işlerini alyp barmakda geçirilen okuw-usuly maslahatyna (hojalykda kömege mätäç maşgalalaryň ene- atalaryndan, çagalaryndan sorag-jogap alyşmak boýunça) mugallymlar we talyplar gatnaşdylar.

2025-nji ýylyň 3 — 9-njy noýabry aralygynda Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň ÝUNISEF-iň halkara bilermenleri Joana Rojers bilen Swetlana Ryžikowanyň saparynyň çäklerinde çäreler geçirildi. Bu okuw maslahatyna Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiň mugallymlary we talyplary gatnaşdy.

2025-nji ýylyň 17 — 22-nji noýabry aralygynda Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) edara binasynda halkara bilermen Stiwen Barrettiň alyp barmagynda okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatynyň dowamynda «Kodi» atly esasy diagnostik guralyny düşündirmek, ony peýdalanmak bilen durmuş goraglylyk ulgamyny bahalandyrmak boýunça dialog formatynda interaktiw seminar maksatnamasy esasynda okuw sapagyny alyp barmak, Türkmenistanyň döwlet kömek puly we pensiýalary barada ara alyp maslahatlaşmak ýaly meseleleriň üstünde durlup geçildi. Bu ty dabaralanýar» atly çykyşlara tomaşa edilmeginden başlandy.

Dabarada Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektory O.Öwezsähedowyň, Türkmenistanyň bilim ministriniň orunbasary A.Ataýewiň, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasary H.Täçjanowa, Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistandaky wekili Jalpa Ratna we beýlekiler çykyş etdiler.



okuw maslahatyna Türkmenistanyň Mejlisiniň, Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň, Bilim ministrliginiň, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň, Goranmak ministrliginiň, Daşary işler ministrliginiň, Statistika baradaky döwlet komitetiniň, Aşgabat şäher häkimliginiň, Kärdeşler arkalaşygynyň Milli merkeziniň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň, Gyzyl ýarymaý Milli jemgyýetiniň, Körler we kerler jemgyýetiniň, «Ýeňme» we «Keýigokara» jemgyýetçilik guramalarynyň we Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň wekilleri gatnaşdylar.

2025-nji ýylyň 18-nji dekabrynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň geografiýa fakultetiniň mejlisler jaýynda «Durmuş işi» boýunça bäş bölekli (modully) okuw sapagyny tamamlan hünärmenlere we mugallymlara sertifikatlaryň gowşurylyş dabarasy boldy. Okuw sapagy durmuş işi boýunça rus hünärmenleri Kseniýa Bogamazowanyň, Anna Titowanyň, Olga Moiseenkonyň alyp barmagynda geçirildi.

Sertifikatlaşdyryş okuw maksatnamasyny tamamlanlary sylaglamak dabarasy Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyplary tarapyndan taýýarlanylan «Türkmenistanyň ynsanperwer syýasa-

Dabaranyň dowamynda oňa gatnaşyjylar Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza şular ýaly çäreleri gurnamaga, işjeň gatnaşmaga uly mümkinçilikleriň döredilýändigi üçin hoşallyklaryny beýan etdiler. Şeýle hem okuw sapagyny geçen hünärmenlere sertifikatlar gowşuryldy.

Pursatdan peýdalanyp şular ýaly okuw usuly-seminar sapaklaryny guramaga, alyp barmaga we gatnaşmaga uly mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirýäris. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň janlarynyň sag, belent başlarynyň aman bolmagyny, alyp barýan döwletli işlerinde uly rowaçlyklary, üstünlikleri arzuw edýäris!

**Döwlet BAÝMYRADOW,**
**jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň uly mugallymy, syýasy ylymlaryň kandidaty.**

**Sapargeldi KAKAJYKOW,**
**jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň mugallymy.**

## Stress — bu näme?

«Stress» adalgasy iňlis dilinden terjime edilende «basyş, gysma, zor salma» diýmegi aňladýar. Stress — bu adam organizminiň aşa zor salynmalara jogap reaksiýasydyr. Gowşak täsirler stress ýagdaýyna eltip bilmeýär. Stress ýagdaýynda adam organizmi bu ýagdaýdan çykalga gözlemegi mejbur edýän adrenalin gormony işläp çykarýar. Olaryň täsirinde köp organlaryň we organizmiň sistemasynyň işleýşi üýtgeýär, meselem, ýüregiň ritmi ýygjamlanýar, organizmiň gorag alamatlary üýtgeýär. Aslynda stress adama az mukdarda gerek, çünki ol problemalardan baş alyp çykmak üçin adamy pikirlenmäge, çykalga gözlemäge mejbur edýär. Ýöne başga tarapdan stress has köp mukdarda bolan ýagdaýynda adam gowşap, ysgyndan düşüp başlaýar we netijede kesele eltip bilýär.

1936-njy ýylda Gans Selýe tarapyndan teklip edilen stress düşünjesindäki esasy düzgünler, bedeniň özüni goramagynyň gomeostatiki modelidir we stresse jogap bermek üçin serişdeleriň mobilizasiýasy bolup durýar. Ol bedene ýetirýän ähli täsirlerini umumy uýgunlaşma sindromy görnüşinde ýüze çykarýan stressi kesgitli we stereotipli kesgitlenmedik täsirlerini böldi. Bu sindrom öz ösüşinde howsala reaksiýasy, garşylyk (rezistent) tapgyry we surnukma tapgyry diýen üç basgançakdan geçýär.

Bir adamda stresse garşy göreşmek strategiýasy ýok bolsa, bedeniň içki gurşawynda esasy gormonal üýtgemeler bilen bilelikde gomeostazyň bozulmagyna sebäp bolýan stress ýagdaýy ýüze çykýar. Bu jogap reaksiýasy, stressiň çeşmesine garşy göreşmekdir. Stress bilen göreşmek psihologiki (bu kognitiw we bihewioral strategiýalaryny öz içine alýar) we fiziologiki mehanizmleri öz içine alýar. Stress ýagdaýyny ýeňip geçmek synanyşyklary netijesiz bolsa, stress dowam edýär we patologiki täsirlere we organiki zeperlere sebäp bolup bilýär.

Käbir ýagdaýlarda, stress kynçylyklary ýeňip geçmek üçin organizmi mobilizasiýa getirmegiň ýerine, çynlakaý näsazlyklara sebäp bolup biler. Gaýtalanyp durýan ýa-da uzak wagt dowam edýän durmuş kynçylyklary bilen baglanyşykly affektiw reaksiýalar bilen emosional affektler durnukly görnüşe geçip biler. Bedende gowşak baglanyşyklar bar bolsa, bu faktor keseliň döremeginde



esasy sebäp bolup durýar. Beýniniň neýrofiziologiki kadalaşdyrylyşynyň dürli gurluşlarynda emosional stressden döreýän esasy näsazlyklar ýürek-damar, aşgazan-içege ulgamynyň kadaly işlemegine, gan ýygryş ulgamynyň üýtgemegine we immun ulgamynyň bozulmagyna sebäp bolýar.

Stressler, adatça, fiziologiki (agyry, açlyk, suwsuzlyk, aşa fiziki işjeňlik, ýokary we pes temperatura we ş.m.) we psihologiki (howp, ýitgi, aldaw, gahar, maglumat artykmaçlygy we ş.m.) görnüşde bolýar.

Stresse duçar bolmagyň netijesi, fiziki näsazlyklara meňzeş psihiki bozulmasy bolanda, stress trawmatiki bolýar. Bu ýagdaýda bar bolan konsepsiýalara görä, «öz» gurluşyny, dünýäniň kognitiw modeli, affektiw gurşaw, öwrenmek proseslerine gözegçilik edýän newrologiki mehanizmler, ýat ulgamy we öwrenmegiň emosional usullary bozulýar. Şeýle ýagdaýlarda trawmatiki hadysalar — özi ýa-da ýakynlary üçin durmuşy howply ýagdaýlar ýaly güýçli negatiw netijeleri bolan ekstremal ýagdaýlar — stress hökmünde çykyş edýär. Şeýle hadysalar adamyň psihologiki netijeleri dürli-dürli bolan trawmatiki stresslere sebäp bolup, howpsuzlyk duýgusyny düýpgöter bozýar. Käbir adamlar üçin trawmatiki stressiň ýüze çykmagy, geljekde posttrawmatik stress bozulmasynyň (PTSB) ösmegine sebäp bolýar.

**Ziýada BABAÝEWA,**
**psihologiýa kafedrasynyň mugallymy.**

# Durmuşdan size...

*Golaýda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetimiziň türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 3-nji ýyl talyby Mukam Bekgylyjowyň goşgulary Belarus Respublikasynyň «Метаморфозы» edebi-çeper žurnalynda, şeýle-de, Russiýanyň Moskwa şäherinde çap edilýän «Литературные знакомства» žurnalynda neşir edildi.*

### КРАСОТА ЦВЕТОВ

Пришла весна сегодня разноцветная,
В ней неба свежесть, ширь тугих ветров,
Поэт, тебе мила пора рассветная,
Смотри скорей на красоту цветов!

Лучисто солнце, степи вновь зелёные,
Мир устремился в свежесть тихих снов.
Цветы растут, любовью окрыленные,
Смотри скорей на красоту цветов!

Источники в степи рождают воды,
И птицам петь. И лебедь в путь готов,
Букет любимой даже в непогоду -
Смотри скорей на красоту цветов!

Покой и радость, торжество природы,
Гармония, основа всех основ,
Весна! Как благодатно время года!
Смотри скорей на красоту цветов!

### МАТЕРИНСКАЯ ЛЮБОВЬ

Счастлив я от своей судьбы,
Жизнь прошла рядом с матерью,
От её душевной мольбы
все ошибки мои не значимы.

Был заботою полон дом,
И цветами сверкал весенними,
Соловьём пребывал я в нём,
Будто вечными воскресеньями.

Посвятил сыновнюю жизнь
наставлениям мудрым матери,
Потому был всегда храним.
Слёзы счастья смахну старательно.

### ПУСТЬ ВСПОМИНАЮТ ДОБРЫМ СЛОВОМ

Если жизнь достойно проживу
и найду последнее пристанище,
Душа покинет тело наяву —
Пусть имя добрым останется.

И станут школой для других стихи,
Учась, запомнят строчки на прощание,
Исчезну среди жизненных стихий —
Пусть имя добрым останется.

Я помню тех, меня кто полюбил,
Открыл дорогу перед расставанием,
И никого я ныне не забыл -
Пусть имя добрым останется.

Я смыслом озарю иную жизнь,
Цветок на сердце — только память ранящий.
Растерянный от праздников и тризн —
Пусть имя добрым останется.

**Перевёл:**
**Андрей НОВИКОВ.**



## «Uniwersitet ýyllary...»

Säheriň çalajadan ösýän mymyk şemalynyň astynda özüňe eşidiler-eşidilmez hiňlenip, 90-lyk belgili awtobus bilen ýolagçylaryň aglabasynyň düşýän ýeri hasaplanýan duralgasyndan iň ajap duýgulary oýarýan ýoda bilen seniň bosagaňdan ätlemek nähili ýakymly.

Gujagyňda uly bolsun, kiçi bolsun islendik adamyň birek-birege salam diýip, baş atyp ýürekden hoşamaý ýylgyrmasy nämä degmeýär diýsene. «Bu ýeriniň howasam başgaça-da» diýip, gözlerini ýumup uludan dem alyp göz owasynyň ýaşlaryny saklamaga uýalmaýan dürli ýyllaryň uçurymlary häli-häzirem halypa mugallymlaryň ýanyna salama gelip, talyplyk ýyllaryny birsydyrgyn ýatlap, talyplara daşyndan guwanyp gidýärler.

Ir säher bilen howludan gireniňden asyra golaý ýaşan baglaryň goýnunda mekan tutan guşlar orkestriniň sesini eşitmedik, megerem, ýok bolsa gerek. Olaryň gezek bermän, bir-birinden ozjak bolup saýraýyşlary ir ertiriň hoştap howasyna mähir çaýýan ýaly duýulýar. Okuw sapaklary başlanar welin, şol guşlar orkestri şowhun-şagalaňyny goýup, mugallymlardyr talyplaryň okuw sapaklaryny penjireden synlap durandyr.

Okuw sapaklary tamamlanan badyna uniwersitetiň kitaphanalarynyň içinde oturara ýer tapmarsyň. Bu ýerde dürli çeper we ylmy kitaplary ýanyna alyp, tä Gün erňegini ýere berýänçä, ylym-bilim dünýäsinde suwa teşne adam ýaly okap oturan mugallymlardyr talyplary görmek bolýar. Okyjylar haçan dynç alýarka diýen pikirlerem wagtal-wagtal döräp durýar. Agzybirlikde, jebislikde idedilýän bilim we ylym daragty öz miwesini berende dynç alynýandygy hemmä-de mälim bolsa gerek.

Milliligi süňňüne ornan kaşaň binalaryň kölegesinden ýöräp barşyňa şahyr Halyl Kulyýewiň «Uniwersitet ýyllary» diýen goşgusynda:

*Egsilmejek gujur berdiň, bagt berdiň,*
*Göreç berdiň inçe zady duýmaga.*
*Edep berdiň, abraý berdiň, at berdiň,*
*Ýürek berdiň adamlary söýmäge—*

diýen setirleri oýuňa dolýar.

Ylym-bilimiň ojagy, edep-terbiýäniň öýi, eziz uniwersitet! Sende ýakym bar, ýalkym bar. Sende pederleriň ruhy bar. Ägirt şahsyýetlerimiziň, alymlarymyzyň, şahyrlardyr ýazyjylarymyzyň ruhy bar.

Uniwersitet — zehin akabasynyň döreýän ýeri! Ylham gorunyň saçylýan ýeri!

Uniwersitet — kämilligiň çäginiň ýokdugyny duýulýan ýeri! Pähimdir paýhasyň söýülýän ýeri!

Uniwersitet — ençeme juwan arzuwlaryň talyplyk bilen dowam edip, «mugallym» diýen hormatly ada mynasyp bolunýan ýeri.

Uniwersitet — mugallym bolup öz okan mekdebiňe baryp, seni okadan mugallymlar bilen kärdeş bolup, çülpe çagalara bilim bermegiň, terbiýelemegiň ilkinji geçilmeli mekdebi.

Uniwersitet! Eziz uniwersitet! Ezizligiňi aňymyzdan asla öçmejek süýji ýatlamalarymyza guýupsyň, mähribanlygy bize beren terbiýäňde, agraslygy bilimiňde jemläpsiň.

Hem ata, hem ene bolan eziz uniwersitet! Goýnuňda okap bilim alan, ylym öwrenen ogul-gyzlaryň hemişe seni ýagşy ýatlamalarda ýatlarlar.

Heňňam aýlanar, saýaňda saýalan şol perzentleriň çagalary, agtyklary, nesilleri bosagaňdan şatlykly gözýaşlar bilen ätlärler,

*Buýsanç sen, mertebe, abraý, dereje,*
*Sen Dünýä sen, yklymlaryň özi sen.*
*Maksatly ýetilen, ýetilýän hem-de*
*Ýetilmeli menzilleriň yzy sen.*

**Berdinazar DÖWLETOW,**
**türkmen dili kafedrasynyň mugallymy.**

### Doňan arzuw

Ýş ýok. Ýşk ýok,
Gyş bar ýeriň kalbynda,
Arktikanyň baky doňaklyklary.
Bu mekana düşen bir ýalňyz adam
Arzuwlap gezip ýör ýaza çykmagy.

Sebäbi ol baharlary söýüpdi,
Bagryna basypdy elwan gülleri.
Indi bolsa düýşde görüp oýanýar,
Arzuwdaky şol arzyly günleri.

Bilmedim, näme em derdine onuň,
Munda ýaşamaga gizlin bir tärmi?!
Üýtgeşik bir zada garaşýardy ol,
Ol diňe bir zada umydygärdi.

«Belki, bu ýerlerde güller gögerer,
Gün geler, gazaby sowular gyşyň».
Dogup gelýän Güne bakýar häzir ol,
«Arktika bir mahal ýaz bolanmyşyn».

**Ilmyrat BABAÝEW,**
**žurnalistika hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

### Sen hakda

Bolmajak zatlary arzuw etmedim,
Gezdim hyýal edip göwnümdäkini.
Oň ugrunda düşdüm saýlan ýoluma,
Ýadymdan çykaryp öwrümdäkini.

Bir bakyşda jemalyny göremde,
Arzuw etdim içgin gürleşsek söýşüp.
Köp zatlar özgerdi, indi ikimiz
Arzuw edýäs, hernä birleşsek diýşip.

Senli geljegimiň çyzgysyn çyzdym,
Taraşlap gurmaga gerek durkumyz.
Ili diňlemegem zerurdyr welin,
Maksada ýetmäge möhüm erkimiz.
«Sensiz» diýmek dilime-de kyn düşýär,
Sensiz bolsam, halym bolar perişan.
Eger kynam bolsa göreşmesek biz,
Bolar duýgularym azan, eleşan.

Käbir kişi bir akmakdan aldanyp,
Söýgi ýok diýäýse, gönelip durýan.
Hiç boýun bolmaryn diýýän oglandym,
Gözellik öňünde ýeňilip barýan.

Takdyr ýazsa ýazgydyma şol gyzy,
Şonda maňa bagtyň guly diýmeli.
Sözlerim-ä tarypyna ýetenok,
Ýetmek üçin Nobatguly bolmaly.

**Magtymguly GURBANOW,**
**türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**



## Sport habarlary

# «Arkadag» futbol topary aýgytly duşuşykda

«AFK-nyň Çempionlar ligasy — 2» ýaryşynyň 1/8 final tapgyryna çykan ýurdumyzyň «Arkadag» futbol toparynyň bu tapgyrdaky garşydaşy dünýä ýyldyzlaryny bir ýere jemlän Saud Arabystanynyň «Al-Nassr» topary bolar.

AFK-nyň Çempionlar ligasy — 2» bäsleşiginiň 1/8 finalynyň oýunlary «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň 10 — 12-nji, jogap oýunlary bolsa 17 — 19-njy fewralynda geçiriler. Yklym ýaryşynyň çärýek finalynyň oýunlary 3 — 5-nji hem-de 10 — 12-nji martda, ýarym finallary bolsa 7-8-nji hem-de 14-15-nji aprelde oýnalar. Final duşuşygy bolsa 17-nji maýda geçiriler.





Taryha ser salsak, häzirki wagtda futbol dünýäsiniň iň bir täsirli oýunçylarynyň biri hasaplanylýan Kriştianu Ronalduny çykyş edýän «Al-Nassr» toparynyň 1998-nji ýylda paýtagtymyzyň «Köpetdag» toparynyň AFK-nyň Kubok eýeleriniň Kubogynyň ýarym finaldaky garşydaşy bolandygyny ýatlamak gerek. Saud Arabystanynyň topary «Al-Nassr» iň soňky çempionlygyny 2019-njy ýylda gazanypdy. Toparyň tälimçisi öz döwründe «Benfika», «Braga», «Sporting», «Flamengo», «Fenerbahçe»… ýaly güýçli toparlary türgenleşdiren portugaliýaly hünärmen Žorže Žezuşdyr. Häzirki wagtda topar ýerli çempionatda öňdäki orunlary eýeleýär.

«Al-Nassr» halkara ýaryşlarda 1998-nji ýylda has öňegidişlik gazandy. Şol ýyl topar AFK-nyň Kubok eýeleriniň Kubogynda hem-de Aziýanyň Naýbaşy Kubogynda ýeňiş gazanmagy başarypdy. Bu topar final tapgyry Saud Arabystanynda geçirilen Kubok bäsleşiginiň ýarym finalynda paýtagtymyzyň «Köpetdagy» bilen duşuşypdy. Şol duşuşykda «Barselonanyň» bolgariýaly ýyldyz futbolçysy Hristo Stoiçkowy wagtlaýyn düzümine goşan «Al-Nassr» 2:1 hasabynda kynlyk bilen hem bolsa ýeňiş gazanmagy başarypdy. Biziň toparlarymyz üçin taryhy ähmiýeti bolan şol duşuşykda derwezeçimiz Ýewgeniý Naboýçenkonyň Stoiçkowyň 11 metrlik jerime urgusyny gaýtarandygyny hem bellemek gerek.

— «Barselonanyň» ýarym goragçysy Hristo Stoiçkowyň «Al-Nassrda» ýarym final bilen final duşuşygynda çykyş etjekdigini öňünden eşidipdik. Saud Arabystanynyň iň güýçli futbolçylaram hut şu toparda jemlenipdi. Garaz, bu topar Kubok bäsleşigine ykjam taýýarlanypdyr. Örän güýçli garşydaş. Men şol oýunda sag ýarym goragda çykyş etdim. Bar agramyň biziň goragçylarymyzyň paýyna düşendigini aýdyp geçeýin. Goçguly Goçgulyýewyň, Aman Annadurdyýewiň, Rahym Gurbanmämmedowyň, Wladimir Milleriň oýun wagtynda mazaly surnugandyklary ýadymda. Hüjümde doganlar Röwşen bilen Çary Muhadowlaryň, russiýaly Waleriý Broşiniň oýnandygy ýadymda. Duşuşygyň 79-njy minutynda Ýuriý Magdiýewiň daş aralykdan depen topy hasaby 2:1-e ýetiripdi. Ýöne şondan soň biziň gol geçirmäge mümkinçiligimiziň bolandygyna garamazdan, tapawutlanmak başartmady. Ýogsam duşuşykda biz güýçli garşydaşdan birjik-de çekinmän çykyş edipdik — diýip, şol wagt ýarym goragda oýnan Kamil Mingazow belledi.



Häzirki wagtda «Al-Nassrda» çykyş edýän ýyldyz futbolçy diňe Ronaldu däldir. «Barselonanyň» öňki goragçysy Inýigo Martinez, öz döwründe Milanyň «Interinde» çykyş eden Marselo Brozowiç, fransiýaly ýarym goragçy Junior Kingsli, «Atletiko Madrid», «Çelsi», «Barselona» hem-de «Milan» ýaly öňdebaryjy toparlaryň öňki futbolçysy Joao Feliks, «Liwerpuldyr» «Bawariýada» çykyş eden Sadio Mane «Al-Nassryň» esasy oýunçylarynyň hataryna girýär. Toparda aglaba ýerli oýunçylaryň çykyş edýändigini hem nygtamaly.

«Arkadag» toparyna «AFK-nyň Çempionlar ligasy — 2» ýaryşynda hem ýeňişli ýolunyň dowam bolmagyny arzuw edýäris.

**Allanur ÇARYÝEW,**
**türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň**
**4-nji ýyl talyby.**

# Afrikanyň çempiony belli boldy

2025-nji ýylyň 21-nji dekabryndan 2026-njy ýylyň 18-nji ýanwary aralygynda Marokkoda futbol boýunça Afrikanyň milletler kubogy geçirildi. Ýaryşa gatnaşan 24 milli ýygyndynyň toparçalardaky hem-de «pley-off» tapgyryndaky oýunlary Rabat, Kasablanka, Marrakeş, Agadir, Fes we Tanžer şäherlerinde ýerleşýän 9 stadionda guraldy.

Toparçalarynda ýeňiş gazanan Marokkonyň, Müsüriň, Nigeriýanyň, Senegalyň, Alžiriň, Kot-d'Iuwaryň milli ýygyndylary bilen bir hatarda ýene-de 10 sany milli ýygyndy ýaryşyň «pley-off» tapgyryna çykdylar. Turuwbaşdan beýleki toparlardan saýlanan Marokkonyň, Müsüriň, Nigeriýanyň we Senegalyň milli ýygyndylary ýarymfinal oýunlarynda duşuşdylar. Dartgynly geçen oýunlaryň netijesinde Marokko hem-de Senegal finala çykmagy başardylar. Bu aýgytlaýjy duşuşyk 18-nji ýanwarda Rabatda oýnaldy.

Final oýnundan bir gün öň üçünji baýrakly orun üçin Müsüriň we Nigeriýanyň milli ýygyndylary duşuşdylar. 0:0 hasabynda tamamlanan duşuşygyň ýeňijisi oýundan soňky penalti tapgyrynda kesgitlendi. Onda Nigeriýanyň ýygyndysy 4:2 hasabynda üstün çykdy.




Garaşylmadyk dawa-jenjelli geçen final duşuşygynyň esasy wagtyna goşmaça goşulan wagtyň dördünji minutynda Senegalyň ýygyndysynyň ýarymgoragçysy Pap Geýe hasaby açdy. Birnäçe minutdan bolsa oýnuň emini Marokkonyň peýdasyna 11 metrlik jerime urgusyny belledi. Emma Braim Diasyň «panenko urgusy» bilen ýerine ýetiren penaltisi Marokkonyň milli ýygyndysy üçin şowsuz tamamlandy. Netijede, Geýeniň geçiren ýeke-täk goly bilen Senegalyň milli ýygyndysy futbol boýunça Afrikanyň milletler kubogyna mynasyp boldy.

Oýundan soňky baýrak gowşurylyş dabarasynyň dowamynda ýaryşyň tapawutlanan oýunçylarynyň atlary mälim edildi. Sadio Mane ýaryşyň «Iň gowy oýunçysy», Ýassin Bunu «Iň gowy derwezeçi» diýlip saýlanyldy. Braim Dias bolsa mundialda köp gol geçiren futbolçy boldy.

**Parahat BATYROW,**
**žurnalistika hünäriniň**
**3-nji ýyl talyby.**

«Türkmen uniwersiteti» gazeti

ESASLANDYRYJYSY — MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

REDKOLLEGIÝA:
Žurnalistika kafedrasy

Jogapkär redaktor:
Halmyrat ÝUWŞANOW
(žurnalistika kafedrasynyň müdiri).

Edebi redaktorlar:
Allanur ÇARYÝEW, Aýbölek ARAZGELDIÝEWA
(türkmen dili we edebiýaty hem-de žurnalistika hünäriniň talyplary).
Tehniki redaktor: Şatly MOMMADOW
(türkmen dili kafedrasynyň mugallymy),
Toýly BABAÝEW
(žurnalistika hünäriniň talyby).

tdu.edu.tm
turkmenuniwersitetitdu@gmail.com